Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2013-nji ýylyň 5-nji aprelinde 683 san bilen bellige alyndy

Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2013-nji ýylyň 14-nji martyndaky № 45-Ö buýrugy bilen tassyklandy

# GIRDEJILERI WE ÇYKDAJYLARY EMELE GETIRMEK BOÝUNÇA USULÝET MASLAHATLAR

*(Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2014-nji ýylyň 19-njy martynda çykaran 33-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanylan we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2014-nji ýylyň 2-nji aprelinde 747 san bilen bellige alnan üýtgetmeleri we goşmaçalary hasaba almak bilen*

## I. UMUMY DÜZGÜNLER

1. Girdejileri we çykdajylary emele getirmek boýunça usulýet maslahatlar "Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň esasynda, şeýle hem Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan tassyklanan maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna (mundan beýläk – MHMS) we Buhgalterçilik hasaba alnyşynyň hasaplarynyň mysaly meýilnamasyna laýyklykda işlenip taýýarlanyldy.

2. Girdejileri we çykdajylary emele getirmek boýunça usulýet maslahatlar, karz edaralaryndan başga ykdysady subýektler (mundan beýläk – subýektler) tarapyndan diňe buhgalterçilik hasaba alnyşyň maksatlary üçin ulanylýar.

## II. GIRDEJILER

3. Subýektleriň hasabat döwrüniň dowamynda alan girdejileri şu aşakdakylara bölünýär:

amal girdejileri;

amal däl girdejiler.

4. Amal girdejileri aşakdakylary öz içine alýar:

harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alnan girdejiler;

gaýry amal girdejileri.

4.1. Harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alnan girdejiler "Düşewünt" täjirçilik kärhanalary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standartyna we "Alyş-çalyş amallaryndan jemi girdeji", "Alyş-çalyş däl amallardan girdejiler" döwlet býujet edaralary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna laýyklykda kesgitlenýär. Döwlet býujet edaralary diňe täjirçilik işinden alnan girdejileri harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemekden alnan girdejileriň düzümine goşýarlar.

4.2. Gaýry amal girdejileri şulary öz içine alýar: biologik aktiwleri ilkibaşda ykrar etmekden alnan girdejiler, oba hojalyk önümlerini ýygnamakdan alnan girdejiler, biologik aktiwleriň adalatly gymmatynyň üýtgemeginiň netijeleri we ş.m.

5. Amal däl girdejiler aşakdakylary öz içine alýar:

grantlar boýunça girdejiler;

maýa goýumlaryndan alnan girdejiler;
gaýry amal däl girdejiler.

5.1. Grantlar boýunça girdejiler – daşary döwletleriň hökümetlerinden, halkara guramalaryndan we döwlet böleginiň beýleki birliklerinden alnan girdejiler, olar şu maksatlar üçin bölünip berilýär:

gündelik çykdajylary amala aşyrmak üçin, bu olary alýanlar tarapyndan haýsydyr bir aktiwi satyn alynmagy bilen bagly däldir we şunuň ýaly satyn alma bilen şertlendirilmeýär;

alyjynyň aktiwleri satyn almak üçin we ondan garaşylyşy ýa-da talap edilişi ýaly alyjynyň aktiwi ýa-da aktiwleri satyn almak (maddy dolanyşyk serişdeleriniň ätiýaçlyklaryndan başga), aktiwleri bermek (maddy dolanyşyk serişdeleriniň ätiýaçlyklaryndan we pul serişdelerinden başga) ýa-da debitor bilen kreditoryň arasyndaky özara ylalaşyk boýunça borçnamalary ýatyrmak üçin peýdalanmaly bolan pul serişdelerinden emele gelýär.

5.2. Maýa goýumlaryndan alnan girdejiler – maliýe we maliýe däl aktiwlere eýelik etmekden alnan girdejiler:

maliýe maýa goýumlaryndan alnan göterim girdejileri;

paýnamalara (maýa gatnaşma paýlaryna) eýelik etmekden alnan diwidendler boýunça girdejiler;

maýa goýum emlägine eýelik etmekden alnan girdejiler.

5.3. Gaýry amal däl girdejiler aşakdakylary öz içine alýar:

maliýe maýa goýumlarynyň ilkibaşky (adalatly) gymmatynyň üýtgemeginden we olaryň çykyp gitmeginden alnan girdejiler;

maýa goýum emläginden başga, uzak möhletli maliýe däl aktiwlere eýelik etmekden alnan girdejiler, maliýe däl maýa goýumlarynyň ilkibaşky (adalatly) gymmatynyň üýtgemeginden we olaryň çykyp gitmeginden alnan girdejiler;

uzak möhletli maliýe däl aktiwleri muzdsyz almakdan alnan, aktiwiň peýdalanylyşyna görä hasaplanyp ýazylan ulanyş tutumynyň möçberine deň bolan girdeji;

şertnama borçnamalarynyň bozulandygy üçin puşmana pullary we jerimeler;

ätiýaçlandyryş ýa-da gaýtadan ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça alnan ätiýaçlandyryş öwezi dolma pul möçberleri;

ylalaşyk borçnamalarynyň bozulandygy üçin jerimeler we beýleki jerime çäreleri görnüşinde alnan serişdeler, şeýle hem ýitginiň we zyýanyň öweziniň dolunmagy görnüşinde alnan pullar;

ozal hasapdan öçürilen bergileri üzmegiň hasabyna gelip gowşan pul möçberleri;

Türkmenistanyň Raýat kodeksinde kesgitlenen, awtorlyk hukugyndan peýdalanylandygy ýa-da şu hukugy peýdalanmaga berlendigi üçin hak-heşdekler, şahadatnama, söwda nyşany, haryt nyşany ýa-da hyzmat ediş nyşany, çyzgy ýa-da model, görnüş, gizlin formula we (ýa-da) işiň barşy ýa-da senagata, täjirçilik ýa-da ylmy tejribä degişli maglumatlar üçin hak-heşdekler;

ozal şübheli bergiler boýunça ätiýaçlygyň hasabyna hasapdan öçürilip, soňra bergidarlardan alnan serişdeler;

hak isleg möhletiniň geçmegi bilen baglylykda ýa-da gaýry esaslar boýunça

hasapdan öçürilen bergileriň pul möçberi, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda salgytlar (puşmana tölegler, jerimeler) boýunça tölenjegine umyt bolmadyk bergileriň hasapdan öçürilen möçberleri muňa girmeýär;

daşary ýurt pulundaky amallar boýunça hümmet tapawutlaryndan alnan girdejiler;

haýyr-yhsan işiniň netijesinde alnan, bellenen maksady boýunça peýdalanylmadyk emlägiň (işleriň, hyzmatlaryň) gymmaty;

tükellemegiň netijesinde ýüze çykarylan haryt-maddy gymmatlyklaryň artyk möçberleriň gymmaty;

muzdsuz alnan ätiýaçlyklar (işler, hyzmatlar);

aktiwiň gymmatynyň gaçmagyndan çekilen ýitgini dikeltmekden alnan girdeji;

subsidiýalar;

gündelik işi maliýeleşdirmekden alnan girdejiler;

agzalyk we giriş gatançlary;

ynsanperwerlik kömegi;

gaýry girdejiler.

6. Girdejileriň ol ýa-da beýleki görnüşlerini jemi peýda barada hasabata (girdejiler we çykdajylar barada hasabata) goşmak subýektiň işiniň aýratynlygyna baglydyr.

## III. ÇYKDAJYLAR

7. Ykdysady subýektiň hasabat döwründe çeken çykdajylary aşakdakylary öz içine alýar:

amal çykdajylary;

amal däl çykdajylar.

8. Amal çykdajylary:

harytlaryň (önümleriň, işleriň, hyzmatlaryň) özüne düşýän gymmatyna goşulýan harajatlar;

döwrüň çykdajylary (harytlaryň (önümleriň, işleriň, hyzmatlaryň) özüne düşýän gymmatyna goşulmaýan harajatlar).

### 3.1. Amal çykdajylary

9. Harytlaryň (önümleriň, işleriň, hyzmatlaryň) özüne düşýän gymmatyna goşulýan harajatlar:

göni we gytaklaýyn maddy harajatlar;

zähmete hak tölemek üçin göni we gytaklaýyn harajatlar;

goşmaça önümçilik çykdajylary.

9.1. Göni we gytaklaýyn maddy harajatlar aşakdakylary öz içine alýar:

öndürilýän önümiň esasyny emele getirmek bilen, onuň düzüm bölegine girýän ýa-da ol taýýarlanylanda (işler ýerine ýetirilende, hyzmatlar edilende) zerur bölek bolup durýan çig mal we materiallar;

önümleri öndürmegiň (işleri, hyzmatlary ýerine ýetirmegiň) barşynda kadaly tehnologik işi üpjün etmek üçin we önümi gaplamak üçin peýdalanylýan ýa-da beýleki önümçilik we hojalyk zerurlyklary (esasy serişdeleri, gurallary, abzallary, esbaplary we beýleki zähmet serişdelerini synag etmek, gözegçilik etmek, saklamak, abatlamak we ulanmak) üçin sarp edilýän materiallar;

gurallar, abzallar, esbaplar, ýörite egin-başlar we beýleki ulanyş tutumy alynmaýan emläk;

toplaýyş enjamlary we mundan beýläk işlenilýän ýa-da gurnalýan ýarymtaýýar önümler;

tehnologik maksatlar üçin sarp edilýän ýangyç, suw we energiýanyň ähli görnüşleri, suw we energiýanyň ähli görnüşlerini işläp çykarmak, önümçilik jaýlaryny ýylytmak, şeýle hem energiýany başga görnüşe öwürmek we geçirmek üçin çykdajylar;

keseki edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler tarapyndan ýerine ýetirilýän önümçilik häsiýetli işler we hyzmatlar (önümi taýýarlamak boýunça, çig maly we materiallary işlemek boýunça aýry-aýry amallary ýerine ýetirmek, bellenen tehnologik prosesleriň berjaý edilişine gözegçiligi amala aşyrmak, esasy serişdeleri abatlamak we beýleki işler, şeýle hem işe hyzmat etmek boýunça keseki guramalar tarapyndan edilýän ulag hyzmatlary);

tebigaty goramak maksatly esasy serişdeleri we beýleki emläkleri saklamak we ulanmak, hapalaýjy maddalary tebigy gurşawa taşlamagyň (zyňmagyň) ýol berilýän çäkleri üçin tölegler we ýerleri rekultiwasiýa etmegi goşmak bilen şoňa meňzeş beýleki çykdajylar;

Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde tassyklanan, tebigy ýitginiň ölçegleriniň çäklerinde maddy serişdeleriň ýetmezçiligi we (ýa-da) zaýalanmagy sebäpli ýitgiler;

önümçilikde we (ýa-da) daşamakda tehnologik ýitgiler;

gazylyp alynýan peýdaly magdanlar çykarylanda taýýarlyk işleri üçin çykdajylar.

Gaýtarylýan galyndylaryň, gabyň we daşlyklaryň olaryň hakyky ýerleme ýa-da peýdalanma bahasy ýa-da ammara girdeji edilen bahasy boýunça gymmaty maddy harajatlary azaldýar.

Haryt-maddy gymmatlyklaryň gymmatyna satyn almak bahasy, satyn alma bilen baglanyşykly komission hak-heşdekler, birža ýygymlary, gümrük paçlary, Türkmenistanyň gümrük çäklerine getirilýän harytlar boýunça ýygymlar we goşmaça tölegler, daşamak, saklamak we getirmek üçin töleg, goşulan baha üçin salgydyň we satyn alnanda tölenen goşmaça tölegiň öwezi dolunmaýan pul möçberleri.

9.2. Zähmete hak tölemek üçin göni we gytaklaýyn harajatlara şular degişlidir:

hakyky ýerine ýetirilen iş üçin zähmete hak tölemegiň subýektde kabul edilen görnüşlerine we ulgamlaryna laýyklykda bellenen bahalardan, tarif möçberlerinden we aýlyk wezipe haklaryndan ugur almak bilen hasaplanan zähmet haky;

höweslendiriş häsiýetli tölegler – beýleki işgärler bilen deňeşdirilende belli bir işgärleriň zähmetde has ýokary we durnukly netijeleleri gazanandyklary üçin

işgärlere goşmaça hak tölemek babatynda iş berijiler tarapyndan peýdalanylýan höweslendiriş tölegleriniň, baýraklarynyň, goşmaça haklaryň görnüşleri;

işiň düzgünine we zähmetiň şertleri bilen bagly bolan öwezini doluş tölegleri, muňa gijeki wagtynda işlenendigi, köp çalşykly işde işlenendigi, kärleriň utgaşdyrylandygy, hyzmat edilýän zolagyň giňelmegi, zähmetiň aýratyn (zyýanly, aýratyn agyr) şertlerinde işlenendigi, wagtyndan artyk işlenendigi we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda dynç günlerinde we baýramçylyk günlerinde işlenendigi üçin goşmaça haklar hem şuňa girýär;

işgärlere jemagat hyzmatlaryny etmek, iýmit, azyk önümleri, ýaşaýyş jaýy üçin çykdajylar – Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda mugt bermek ýa-da pul bilen öwezi dolunýan möçberler;

işgärleri naharlamak üçin çykdajylar, şunuň ýaly çykdajylar zähmet ylalaşygynda (şertnamasynda) we (ýa-da) köpçülikleýin şertnamada (ylalaşykda) göz öňünde tutulan ýagdaýlarda, şol sanda şunuň ýaly naharlamak başga taraplar tarapyndan guralýan halatlarynda;

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda işgärlere mugt berilýän, olaryň şahsy peýdalanmagynda hemişelik galýan zatlaryň (bir ülňüli eginbaş, resmi geýim goşmak bilen) gymmaty (olary arzan bahadan satmak bilen baglanyşykly ýeňillikleriň pul möçberi);

işgäriň döwlet we (ýa-da) jemgyýetçilik borçlaryny ýerine ýetirýän döwründe ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki ýagdaýlarda olara hasaplanyp ýazylan zähmet hakynyň pul möçberi;

nobatdaky (her ýylky) we goşmaça rugsatlaryň tölegi (peýdalanylmadyk rugsat üçin öwez tölegi), ýetginjekleriň ýeňillikli sagatlary, aýallara çagany naharlamak üçin goşmaça arakesmeler, şeýle hem saglygy goraýyş barlaglaryndan geçirmegi, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döwlet we jemgyýetçilik borçlarynyň ýerine ýetirilmegi bilen bagly wagt üçin tölegler;

edara görnüşli tarapyň (şahamçanyň, wekilhananyň) üýtgedilip guralmagy ýa-da ýatyrylmagy, işgär sanynyň ýa-da işgärler düzüminiň kemeldilmegi bilen baglanyşykly işden çykarylýan işgäre tölegler;

işden çykylanda berilýän kömek puly;

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda işlän (gulluk eden) ýyllary üçin birwagtlaýyn hak-heşdek tölemek;

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, işgärleriň okaýan (hünär taýdan taýýarlyk, gaýtadan taýýarlyk geçýän we ş.m.) wagtynda saklanyp galýan iş haky;

mejbury ýagdaýda işe gelinmedik wagty üçin ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda pes hak tölenýän işiň ýerine ýetirilen wagty üçin iş haky;

hökmany ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça iş berijileriň tölegleri (gatançlary), şeýle hem ätiýaçlandyryş guramalary bilen işgärleriň peýdasyna baglaşylan meýletin ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça iş berijileriň tölegleri (gatançlary);

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, işler wahta usuly bilen ýerine ýetirilende goşmaça tölegleriň pul möçberi;

barlag geçirilýän, gan tabşyrylýan we her gezek gan tabşyrylandan soň

berilýän dynç günlerinde donor-işgärlere iş hakyny tölemek üçin çykdajylar;

raýat-hukuk häsiýetli şertnamalar boýunça işgärleriň ýerine ýetiren işleri (hyzmatlary) üçin, edara görnüşli tarapyň işgär düzüminde durmaýan işgärleriň iş haky, muňa hususy telekeçiler bolup durýan adamlara tölenýän tölegler degişli däldir. Şunda iş hakynyň pul möçberine işleri (hyzmatlary) ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly maddy harajatlaryň bahasy goşulmaýar;

geljekde işgärleriň zähmet rugsatlaryny tölemek üçin ätiýaçlyk goruna we (ýa-da) köp ýyl işländigi üçin her ýyl tölenýän haky tölemek üçin ätiýaçlyk goruna geçirmeler görnüşindäki çykdajylar;

hökmany pensiýa ätiýaçlandyrmasy we hökmany hünär pensiýa ätiýaçlandyrmasy üçin geçirimler;

işgärlere özüne düşýän gymmaty boýunça haryt görnüşinde bölünip berilýän önümiň gymmaty;

zähmet ylalaşygynda (şertnamasynda) we (ýa-da) köpçülikleýin ylalaşykda, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan, işgäriň peýdasyna geçirilen çykdajylaryň beýleki görnüşleri.

9.3. Goşmaça önümçilik çykdajylary aşakdakylary öz içine alýar:

wagtlaýyn işe ukypsyzlyk boýunça kömek pullary we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen we iş berijiniň hasabyna işgärlere tölenilýän beýleki durmuş kömek pullary;

täze iş ýerine göçende işgärlere berilýän kömek puly;

uzak möhletli maliýe däl önümçilik aktiwleri boýunça ulanyş tutumlary;

uzak möhletli maliýe däl önümçilik aktiwleriniň kärendesi üçin töleg;

Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanan ölçegleriň çäklerinde deňiz, derýa we howa gämileriniň ekipažlarynyň azyk rasiony üçin çykdajylar;

zaýa önüm çykarmakdan çekilen ýitgiler;

önümçiligiň içindäki sebäpler boýunça gutulgysyz boş durmalar sebäpli ýitgiler;

önümçilik emlägini ätiýaçlandyrmak we ätiýaçlandyrmagyň beýleki görnüşleri boýunça çykdajylar, 9.2-nji bölümde görkezilen çykdajylar muňa girmeýär;

Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenen ölçegleriň çäklerinde, önümçilik işi bilen gönüden-göni bagly, iş sapar çykdajylary. Görkezilen çykdajylar işgäriň iş sapar ýerine we hemişelik iş ýerine baryp-gelmegi,

ýaşaýyş jaýynyň kireýi, gije-gündizlik çykdajylary (tölegleri), ygtyýarnamalary, pasportlary, çakylyklary we beýleki şunuň ýaly resminamalary resmileşdirmek, konsullyk, aeroport ýygymlary, girmek hukugy üçin ýygymlar we beýleki şunuň ýaly tölegleri we ýygymlar üçin çykdajylary öz içine alýar;

önümçilik işi bilen gönüden-göni bagly aragatnaşyk hyzmatlarynyň tölegi;

önümçilikde şikes alynmagy zerarly zähmete ukyplylygyň ýitirilmegi bilen baglanyşykly, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda tölenýän kömek pullary;

port we aerodrom ýygymlarynyň pul möçberleri, losmanyň hyzmatlary üçin çykdajylar we beýleki şunuň ýaly çykdajylar;

deňiz frahty, girmek we üstaşyr geçmek üçin ýygymlar we beýleki şunuň ýaly tölegler;

harytlary (işleri, hyzmatlary) öndürmek bilen baglanyşykly, ýöne ýokarda görkezilen harajatlara degişli bolmadyk beýleki harajatlar.

10. Önümleriň, harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) özüne düşýän gymmatyny kesgitlemek üçin 9-njy bölümde sanalyp geçilen ähli harajatlar (özüne düşýän gymmaty) ýerlenen önümiň (harydyň) möçberinde gaýtadan hasaplanmaga degişlidir.

11. Döwrüň çykdajylary aşakdakylary öz içine alýar:

ýerleme çykdajylary;

dolandyryş çykdajylary;

gaýry amal çykdajylary.

11.1. Ýerleme çykdajylary aşakdakylary öz içine alýar:

9-njy bölümde sanalyp geçilen, önümleri, harytlary (işleri, hyzmatlary) ýerlemek bilen bagly çykdajylar;

ýerlemek bilen meşgullanýan işgärleriň işine maddy-tehniki we ulag üpjünçiligi taýdan hyzmat etmek, şol sanda gulluk işi maksady bilen şahsy ulagyň peýdalanylandygy üçin öwez tölegleri (bellenen ölçegleriň çäklerinde);

önümleri, harytlary ýerlemek bilen bagly çykdajylar, şol sanda gaplamak, saklamak, ýüklemek, daşamak boýunça çykdajylar, satyn alyjylara ýa-da araçy guramalara muzdsyz berlen we gaýtarylmaga degişli bolmadyk haryt nusgalary we şuňa meňzeş beýleki çykdajylar, ýerleme bazarlaryny öwrenmek we harytlary bazarlarda öňe sürmek (marketing) boýunça harajatlar;

şübheli bergiler boýunça çykdajylar;

öndürilýän (satyn alynýan) we (ýa-da) ýerlenýän harytlary (işleri, hyzmatlary), subýektiň işini, haryt nyşanyny, hyzmat ediş nyşanyny mahabatlandyrmak üçin çykdajylar, şol sanda sergilere we ýarmarkalara gatnaşmak üçin çykdajylar;

ýerleme işi bilen gönüden-göni bagly aragatnaşyk hyzmatlarynyň tölegi;

kepillendirilen abatlaýyş we hyzmat etmek üçin harajatlar;

ýerleme işi bilen bagly, ýöne ýokarda görkezilen harajatlara degişli bolmadyk beýleki harajatlar.

11.2. Dolandyryş çykdajylary aşakdakylary öz içine alýar:

9-njy bölümde sanalyp geçilen, dolandyryş işi bilen bagly çykdajylar;

dolandyryş edarasynyň işine maddy-tehniki we ulag üpjünçiligi taýdan hyzmat etmek, şol sanda gulluk işi maksady bilen şahsy ulagyň peýdalanylandygy üçin öwez tölegleri (bellenen ölçegleriň çäklerinde);

hyzmatdaşlygy ýola goýmak we saklamak maksady bilen, beýleki edara görnüşli taraplaryň gepleşiklere gatnaşýan wekillerini resmi taýdan kabul etmek we hyzmat etmek bilen baglanyşykly wekilçilik çykdajylary;

dolandyryş işi bilen gönüden-göni bagly aragatnaşyk hyzmatlarynyň tölegi;

auditorlyk, hukuk, maslahat beriş, maglumat we beýleki dolandyryş hyzmatlary üçin çykdajylar;

hat-ýazuw (kanselýar) harytlary üçin çykdajylar;

bank hyzmatlary boýunça tölegler;

dolandyryş işi bilen bagly, ýöne ýokarda görkezilen harajatlara degişli bolmadyk beýleki harajatlar.

11.3. Gaýry amal çykdajylary aşakdakylary öz içine alýar:

gorag we howpsuzlyk, zähmetiň kadaly şertlerini üpjün etmek üçin çykdajylar (emlägi goramak boýunça hyzmatlar, ýangyna garşy çäreler, zähmetiň howpsuzlygy we gönüden-göni edara görnüşli tarapyň çäklerinde ýerleşýän saglygy goraýyş otagyny we esbaplaryny saklamak bilen baglanyşykly çykdajylar we beýleki şunuň ýaly çykdajylar);

wahta usuly boýunça işleri amala aşyrýan kärhanalar tarapyndan ýaşaýyş jaý-jemagat we ýaşaýyş-durmuş desgalaryny goşmak bilen wahta we wagtlaýyn şäherçeleri saklamak üçin çykdajylar;

çagyrylýan işgärler üçin ýaşaýyş jaýyny kireýine almak boýunça çykdajylar;

işiň aýry-aýry görnüşlerini amala aşyrmak hukugy üçin ýygymlar we tölegler (edara görnüşli taraplaryň bellige alnandygy üçin töleg, ygtyýarlylandyryş tölegleri we beýleki tölegler);

önümiň (işleriň, hyzmatlaryň) güwälendirilmegi boýunça çykdajylar;

iberilen haryt-maddy gymmatlyklara, işlere, hyzmatlara degişli goşulan baha üçin salgydyň pul möçberi, şeýle önüm ibermek boýunça kreditor bergi (kreditorlaryň öňündäki borçnama) hasabat döwründe hasapdan öçürilen bolsa;

maddy kömek;

edara görnüşli tarapyň işgärlerine berilýän ýa-da edara görnüşli tarapyň jemgyýetçilik iýmiti üçin kömekçi hojalyklar tarapyndan goýberilýän önüm (işler, hyzmatlar) boýunça baha tapawutlary;

talyp haklaryny tölemek, okuw mekdepleri bilen şertnamalaryň esasynda goşmaça okatmak üçin, işgärleri taýýarlamak, olaryň hünärini ýokarlandyrmak we gaýtadan taýýarlamak boýunça goşmaça hyzmatlar üçin töleg bilen baglanyşykly, kanunçylykda bellenen kadalardan we ölçeglerden ugur alnyp geçirilýän harajatlar, binýatlyk kärhanalaryň esasy işlerinden boşadylan işgärleriň we hünärli işçileriň onümçilik we önümçilik tejribesi şertlerinde umumy bilim berýän mekdepleriň, orta hünärmentçilik mekdepleriniň we hünärmentçilik liseýleriniň, okuw-önümçilik firmalarynyň, orta okuw mekdepleriniň okuwçylarynyň, ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň okuwyna ýolbaşçylyk edendikleri üçin zähmet hakyny tölemek boýunça harajatlary;

işgärleri iş ýerine we öýlerine gatnatmak boýunça harajatlar, ulag kärhanalary bilen baglaşylan şertnamalara laýyklykda guralan, şäher ýolagçylar ulagynyň (taksiden başga) ýörite ugurlary üçin goşmaça çykdajylary goşmak bilen (ulagyň degişli görnüşiniň hereket edýän tarifleri boýunça kärhanalaryň işgärleri tarapyndan tölenýän bahadan artyk möçberde);

kanunçylykda bellenen tertipde, pudaklaýyn we pudakara ýörite býujetden daşary gaznalara geçirilýän geçirimler;

zähmetkeşler köpçüligine hyzmat edýän jemgyýetçilik iýmiti kärhanalaryna muzdsyz berilýän jaýlary saklamak bilen bagly harajatlar (ulanyş tutumlaryny, jaýlary abatlamagyň ähli görnüşlerini geçirmek üçin harajatlary, yşyklandyryş,

ýyladyş, suw üpjünçiligi, elektrik üpjünçiligi, şeýle hem nahar taýýarlamak üçin ýagnyç bilen bagly çykdajylary goşmak bilen);

oýlap tapyşlar we rasionalizatorçylyk teklipler üçin tölenýän hak;

keseki edara görnüşli taraplar tarapyndan işgärleriň berlendigi boýunça hyzmatlar üçin çykdajylar;

keseki edara görnüşli taraplar we hususy telekeçiler tarapyndan ýerine ýetirilen işler (edilen hyzmatlar) üçin komission ýygymlaryň we beýleki şunuň ýaly çykdajylaryň pul möçberleri;

öz işgärlerini taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak üçin çykdajylar;

işgärleri guramaçylykly işe kabul etmek üçin harajatlar;

önümçilik içi sebäpler boýunça düzedip bolýan boş durmalar sebäpli ýitgiler;

täze önümçilikleri, sehleri we agregatlary taýýarlamak we özleşdirmek üçin çykdajylar;

tehnologiýany, önümçiligiň guralyşyny we dolandyryşy kämilleşdirmek bilen bagly düýpli bolmadyk çykdajylar;

ylmy barlaglar we tejribe-konstruktorçylyk işleri üçin çykdajylar;

tebigy serişdeleri özleşdirmek üçin çykdajylar;

hapalaýan maddalaryň bellenen aňryçäk ölçeglerden ýokary derejede tebigy gurşawa taşlanandygy (zyňylandygy) üçin tölegler;

işgärleriň işine maddy-tehniki we ulag üpjünçiligi taýdan hyzmat etmek, şol sanda gulluk işi maksady bilen şahsy ulagyň peýdalanylandygy üçin öwez tölegleri (bellenen ölçegleriň çäklerinde);

ykdysady iş bilen bagly aktiwleri ätiýaçlandyrmak boýunça çykdajylar;

haryt-maddy gymmatlyklaryň tebigy ýitgileriň ölçeglerinden artyk möçberde ýetmezçiligi we (ýa-da) zaýalanmagy sebäpli, şeýle hem peýdalanmaga ýaramly möhletiniň geçendigi üçin ýitgiler;

ýatyrylan önümçilik sargytlary boýunça harajatlar;

durzulan önümçilik kuwwatlyklaryny we desgalaryny saklamak üçin harajatlar;

gap bilen bagly amallar boýunça harajatlar;

kazyýet çykdajylary;

haryt-maddy ätiýaçlyklaryň bahasynyň arzanlamagy sebäpli çykdajylar;

amal işi bilen baglanyşykly bellenen ýa-da ykrar edilen jerimeler, puşmana pullary we jerime pullary (şol sanda býujete tölenmäge degişli jerimeler);

salgytlar we salgyt däl tölegleri;

önümiň özüne düşýän gymmatyna degişli edilmeýän, önümçilik häsiýetli beýleki umumy we dolandyryş çykdajylary.

Söwda işi bilen meşgullanýan kärhanalar ýerlemek bilen baglanyşykly harajatlaryň düzüminde harytlaryň özüne düşýän gymmatyna goşulmaýan ähli söwda çykdajylaryny hasaba alýarlar.

## 3.2. Amal däl çykdajylar

12. Amal däl işden çekilýän çykdajylar aşakdakylary öz içine alýar:
maliýe çykdajylary;
amal däl işden çekilýän gaýry çykdajylar.
12.1. Maliýe çykdajylar aşakdakylary öz içine alýar:
göterimler görnüşinde (şol sanda maliýe kärendesi boýunça) çykdajylar;
maliýe işi bilen bagly beýleki çykdajylar.
12.2. Amal däl işden çekilýän gaýry çykdajylar aşakdakylary öz içine alýar:
daşary ýurt puly bilen amallar boýunça, şeýle hem daşary ýurt pulundaky gymmatlyklar we talaplar arzanlanda ýa-da daşary ýurt pulundaky borçnamalaryň bahasy ýokarlananda ýüze çykýan oňaýsyz hümmet tapawudy; eger-de daşary ýurt pulunyň taraplaryň ylalaşmagy bilen harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň), emläk hukuklarynyň ýerlenen (girdeji edilen) senesinde bellenilen hümmeti boýunça hasaplanan borçnamalaryň we talaplaryň emele gelen möçberi, manatda hakyky gelip düşen (tölenen) möçbere laýyk gelmände salgyt töleýjide döreýän oňaýsyz tapawut;
gymmatly kagyzlaryň satylan bahasy bilen we satyn alnan bahasynyň arasyndaky oňaýsyz tapawut;
öz gymmatly kagyzlarynyň çykarylmagyny guramak üçin we satyn alnan gymmatly kagyzlara hyzmat etmek üçin çykdajylar;
baha berilýän gorlary emele getirmek üçin çykdajylar;
hasaplanyp ýazylmadyk ulanyş tölegleriniň pul möçberini goşmak bilen ulanmakdan çykarylan esasy serişdeleri ýok etmek üçin çykdajylar, şeýle hem tamamlanmadyk gurluşygyň desgalaryny we gurnamak işleri tamamlanmadyk beýleki emläkleri sökmek, ýerasty baýlyklary goramak we beýleki şunuň ýaly işler üçin çykdajylar;
önümçilik kuwwatlyklaryny we binalaryny duruzmak we gaýtadan ýola goýmak bilen baglanyşykly çykdajylar, şol sanda durzulan önümçilik kuwwatlyklaryny we binalary saklamak üçin harajatlar;
işlere kazyýetde garamak bilen baglanyşykly çykdajylar;
paýdarlaryň her ýylky ýygnagyny geçirmek üçin çykdajylar;
hak isleýiş möhletiniň geçendigi bilen baglanyşykly ýa-da başga bir esaslar boýunça hasapdan öçürilen söwda däl debitor algynyň pul möçberi;
ozal hasapdan öçürilen bergileri üzmek üçin tölenen pul möçberleri;
daşarky sebäpler boýunça boş durmalardan çekilen, günäkärler tarapyndan öwezi dolunmaýan ýitgiler;
günäkär adamlar bolmadyk (ýüze çykarylmadyk) halatlarynda ogurlyk sebäpli ýitgiler;
talaby başga birine bermek geleşigi boýunça ýitgiler;
Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, döwlet emlägi kärendä berlende Türkmenistanyň Döwlet býujetine geçirilýän kärende göteriminiň böleginiň balansda saklaýjy tarapyndan geçirilýän pul möçberi;
şereketiň işiniň netijeleri boýunça şerekete gatnaşyjy tarapyndan çekilýän zyýanlar;
esasy işi daşarky gurşawy goramak bilen bagly bolmadyk subýektleriň daşarky gurşawy goramak boýunça çykdajylary;

kärhananyň balansynda durýan medeni-durmuş we beýleki desgalary saklamak boýunça işler üçin harajatlar (ulanyş tutumlaryny we abatlamak işleriniň ähli görnüşlerini goşmak bilen);

muzdsyz berlen emläkler;

amal däl işi bilen bagly gaýry çykdajylar.

## IV. PAÝLANMADYK PEÝDANYŇ ÝA-DA ÄTIÝAÇLYK GORLARYŇ HASABYNA ELTILÝÄN ÇYKDAJYLAR

13. Paýlanmadyk peýdanyň ýa-da ätiýaçlyk gorlaryň hasabyna eltilýän çykdajylar şu aşakdakylardan ybarat bolup biler:

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda seýilgäh zolaklarynda, Köpetdagyň eteginde we başga ýerlerde köp ýyllyk ekinleri ekmek we ösdürip ýetişdirmek üçin çykdajylar;

bejeriş ýa-da dynç alyş, gezelençler ýa-da syýahatlar üçin ýollamanamalaryň, sport toparlaryndaky, gurnaklaryndaky okuwlar, medeni tomaşa ýa-da bedenterbiýe (sport) çärelerine barmak üçin, kadalaşdyryjy tehniki we önümçilik maksatlary üçin peýdalanylýan edebiýat üçin ýazylyşyga degişli bolmadyk ýazylyşyk üçin tölegiň we işgärleriň şahsy sarp etmegi üçin harytlaryň töleginiň çykdajylary, şeýle hem işgärleriň peýdasyna edilen beýleki şunuň ýaly çykdajylar;

ýokary guramanyň dolandyryş edarasyny saklamak üçin çykdajylar;

tebigy betbagtçylyklaryň ýa-da adatdan daşary ýagdaýlaryň netijeleriniň öňüni almak ýa-da ýok etmek bilen baglanyşykly harajatlary goşmak bilen tebigy betbagtçylyklardan, ýangynlardan, heläkçiliklerden we beýleki adatdan daşary ýagdaýlardan çekilýän ýitgiler;

önüm öndürmek bilen bagly bolmadyk işleri (hyzmatlary) kärhananyň özüniň ýerine ýetirmegi ýa-da tölegini geçirmegi üçin harajatlar (şäherleri we şäherçeleri abadanlaşdyrmak, oba hojalygyna kömek etmek boýunça işler we işleriň beýleki görnüşleri);

beýleki kärhanalara we guramalara kömek bermek we olaryň işine gatnaşmak tertibinde ýerine ýetirilýän işler üçin harajatlar;

Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, esasy serişdelere (gorlara) gaýtadan nyrh kesilip ätiýaçlyk gorlara eltilen möçberlerine hasaplanan ulanyş tutumlary we hasapdan aýyrlan möçberleri;

geçen ýyllaryň zyýanyny ýapmak;

Türkmenistanyň ka nunçylygyna laýyklykda, harytlary (işleri, hyzmatlary) öndürmek we (ýa-da) ýerlemek bilen göni baglanyşykly bolmadyk beýleki çykdajylar.".